**2022-nji ýylyň 12-nji noýabrynda Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň direktory tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň talyplarynyň içki tertip-düzgüni hakynda DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň talyplarynyň içki tertip-düzgüni hakynda Düzgünnama “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna, “Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna hem-de “Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama”, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň okuw işini kadalaşdyryjy namalaryna, buýruklaryna we gözükdirijilerine, şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi we ol mekdebiň ýolbaşçylary tarapyndan içerki tertip-düzgüne gözegçiligiň tertibini kesgitleýär.

1.2. Bu Düzgünnama okuw işini guramagyň, talyplaryň hukuklarynyň we borçlarynyň, olary höweslendirmegiň we temmi çäre bermegiň tertibini düzgünleşdirýär.

1.3. Bu Düzgünnama talyplar geňeşiniň agzalary tarapyndan tassyklanandyr.

1.4. Mekdebiň düzgün-nyzamy talyplar we pedagogik işgärler tarapyndan birek-biregiň ynsanperwerlik mertebesini sylamak esasynda alnyp barylýar. Talyplara garşy fiziki ýa-da psihiki sütemleriň ulanylmagyna ýol berilmeýär.

1.5. Bu Düzgünnamanyň talaplaryny ähli talyplar we olaryň orta hünär bilimini almagy üpjün edýän ene-atalary (kanuny hossarlary) tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

1.6. Bu Düzgünnamanyň bir nusgasy mekdebiň kitaphanasynda saklanýar.

## II. Okuw işiniň tertibi

2.1. Mekdepde okuw işiniň guramaçylygy ýarymýyllyklara bölmek görnüşinde amala aşyrylýar. Okuw işleriniň çyzgydynyň senenamasyna laýyklykda okuw ýarymýyllyklary we dynç alyş döwürleri bilen gezekleşýär. Okuw işleriniň çyzgydy her okuw ýylynda mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanýar.

2.2. Mekdepde okuw sapaklary irden 8 sagat 20 minutda (1-nji salkyn) we 13 sagat 20 minutda (2-nji salkyn) başlanýar. Ähli hünärler üçin okuw hepdesiniň dowamlylygy alty gün.

2.3. Mekdepde okuw ýyly 1-nji sentýabrdan başlanýar we hünärmenleri taýýarlamagyň okuw meýilnamasynda kesgitlenen senä laýyklykda tamamlanýar.

2.4. Talyplaryň okuw ýüki hepde-de 36 sagada deň bolup, oňa goşmaça okuwlaryň we berkidiji sapaklaryň sagatlary girmeýär.

2.5. Okuw sapaklarynyň dowamlylygy 80 minut bolup, sapaklaryň arasy 10 minutlyk arakesme bilen bölünendir.

2.6. Okuw gününiň ortasynda (üçünji jübüt sagatlardan soňra) dynç almak we naharlanmak üçin 40 minut dowamlykly arakesme geçirilýär.

2.7. Okaýanlar mekdebe 7 sagat 50 minutdan (1-nji salkyn) we 12 sagat 50 minutdan (2-nji salkyn) gijä galman gelmeli. Okuw sapaklara gijä galmaga rugsat berilmeýär.

2.8. Okuw tejribelikleri okuw meýilnamalara laýyklykda ussahanalarda (tejribe meýdançalarda) ýa-da okuw otaglarda geçilýär. Önümçilik tejribeligini geçmegiň tertibi tejribeligi geçirmeklik meýilleşdirilýän kärhananyň ýa-da guramanyň tertibine laýyklykda kesgitlenýär.

2.9. Medeni-köpçülik, terbiýeçilik, sport çäreleri okuw sapaklarynyň rejesine laýyklykda sapaklar gutarandan soňra geçirilýär.

2.10. Mekdepde şu aşakdaky kabul ediş sagatlary kesgitlenendir:

Direktor:

- mugallymlar we talyplar şenbe güni 15.00-dan 16.00-a çenli
- raýatlaryň şahsy meseleleri boýunça şende güni 16.00-dan 18.00-a çenli

Direktoryň orunbasary her gün 15.00-dan 16.30-a çenli

Bölüm müdirleri her gün 9.00-dan 10.00-a çenli we 15.00-dan 16.00-a çenli.

## III. Okuw toparlarynyň içki guramaçylygy

3.1. Her bir okuw toparynyň düzüminden toparbaşy saýlanýar. Ol toparyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýar. Toparbaşyny bir okuw ýylyna saýlanýar. Okuw toparynyň toparbaşysy gönüden-göni usuly birleşmäniň ýolbaşçysyna, toparyň ýolbaşçysyna tabyn bolýar.

Toparbaşynyň borçlary:

- topar ýolbaşçynyň ýok döwründe okuw toparynyň işlerini guramak;
- okuw toparyna ýolbaşçylyk etmekde topar ýolbaşçysyna ýardam bermek;
- okuw toparynda tertibi we düzgün-nyzamy saklamak;
- mekdebiň ähli guramalarynda we bölümlerinde okuw, terbiýeçilik we okaýanlaryň durmuşy bilen bagly ähli meseleleri boýunça toparbaşylyk edýän toparynyň pikir-gyzyklanmalaryny mälim etmäge;
- ähli meseleler boýunça okuw topary bilen mekdebiň ýolbaşçylarynyň we dolandyryş düzüminiň arasynda aragatnaşygy ýola goýmak;
- talyplaryň gündelik nobatçylygynyň çyzgydyny düzmek, onuň ýerine ýetirilişini gözegçilik etmek. Toparbaşynyň özi çyzgyda goşulmaýar we nobatçylyk etmeýär;
- mekdebiň okuw bölümine her gün talyplaryň sapaklara gatnaşygy barada maglumat bermek.

3.2. Toparbaşynyň ýokarda görkezilenleriň çäklerde beren görkezmeleri we tabşyryklary okuw toparynyň ähli talyplary üçin ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

3.3. Mekdebiň ýolbaşçylary we pedagogiki işgärleri okaýanlaryň arasynda toparbaşynyň abraýyny goldamaga we berkitmäge borçlydyrlar.

3.4. Toparbaşy ygtyýarlyklarynyň möhleti dolmazyndan öň gödek düzgün bozmalary ýa-da geleňsizligi üçin wezipesinden boşadylmagy mümkin. Bu ýagdaýda wagtyndan öň täze toparbaşynyň saýlawy geçirilýär.

3.5. Okuw toparlaryň ähli toparbaşylary talyplaryň öz-özüni dolandyryş guramasy bolup durýan talyplar geňeşiniň agzalary bolup durýar.

## IV. Talyplaryň hukuklary, borçlary we jogapkärçilikleri

**4.1. Talyplar aşakdaky hukuklara eýedirler:**

1) Döwlet bilim standartynyň talaplaryna laýyklykda bilim almaga;

2) Talyplaryň psihofiziki ösüş aýratynlygyny we saglyk ýagdaýyny hasaba almak bilen bilim almak üçin zerur şertleriň döredilmegine;

3) Synaglarda, aralyk synaglarda dörän akademiki bergilerini mekdep tarapyndan kesgitlenen möhletlerde gaýtadan tabşyrmaga;

4) Okuw meýilnamasy boýunça özleşdirilýän dersler bilen bir hatarda mekdepde okadylýan sapaklar boýunça fakultatiw okuwlara gatnaşmaga;

5) Okuw işlerini amala aşyrýan beýleki guramalardan talyplaryň alan bilimlerini mekdep tarapyndan hasaba alynmagyna;

6) Ynsanlyk mertebesine hormat goýmaga, fiziki we psihiki zorlugyň, şahsyýeti kemsitmeleriň ähli görnüşlerinden goranmaga, ömrüni we saglygyny goramaga;

7) Wyždan we maglumat azatlygy, hususy garaýyşlaryny we pikirlerini erkin beýan etmäge;

8) Okuw işleriniň çyzgydyna laýyklykda dynç almaga;

9) Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan kesgitlenen kadalaşdyryjy resminama laýyklykda akademiki rugsady almaga we okuw dikeldilmäge;

10) Tertipnamada we Talyplaryň geňeşi hakyndaky düzgünnamada kesgitlenen tertibe laýyklykda mekdebiň dolandyryşyna gatnaşmaga;

11) Tertipnama, okuw işleri amala aşyrmaga rugsat berýän ygtyýarnama, döwlet hasaba alnyşy hakyndaky şahadatnama, okuw resminamalar, mekdepde okuw işlerini guramagy we amala aşyrmagy düzgünleşdirýän beýleki resminamalar bilen tanyşmaga;

12) Okuw kitaplaryndan, okuw gollanmalaryndan, döwlet bilim standartynyň çäklerindäki okuw we terbiýeçilik serişdelerinden, kitaphana-maglumat gorlaryndan, mekdebiň okuw binýadyndan mugt peýdalanmaga;

13) Mekdebiň bejeriş-sagaldyş düzümlerinden, medeni we sport binalaryndan kesgitlenen tertipde peýdalanmaga;

14) Özüniň döredijilik ukyplaryny, gyzyklanmalaryny bäsleşiklere, olimpiadalara, sergilere, bedenterbiýe we sport ýaryşlaryna, şeýle hem beýleki köpçülik çärelerine gatnaşmak bilen ösdürmäge;

15) Okuw, bedenterbiýe, sport, jemgyýetçilik, ylmy, ylmy-tehniki, döredijilik, ylmy synag we innowasion işlerde gazanan üstünlikleri üçin sylaglary almaga;

16) Sagdyn durmuş gurşawyny döretmäge we zyýanly endikleriň täsirinden saglygyny goramaga;

17) Talap edilýän egin-eşikleri, sagatlary we ýönekeý gymmatbaha bolmadyk şaý-sepleri we bezegleri dakynmaga;

18) Umumy ýaşaýyş jaýy bilen mugt ýaşamaga;

19) Okuw işine gatnaşyjylaryň arasyndaky jedelleri çözmek boýunça mekdep ýolbaşçylaryna ýüz tutmaga.

**4.2. Talyplar şu aşakdakylara borçludyrlar:**

1) Döwlet bilim standartynyň talaplaryny doly ýerine ýetirmäge, şol sanda okuw meýilnamada göz öňünde tutulan sapaklara gatnaşmaga, olara özbaşdak taýýarlygy amala aşyrmaga, okuw maksatnamasynyň çäklerinde pedagogiki işgärler tarapyndan berlen öý işlerini ýerine ýetirmäge;

2) Okuw sapaklaryny sebäpli gatnaşyp bilmeýän bolsa, bu hakynda topar ýolbaşçysyny duýdurmaga hem-de delillendiriji resminamalary görkezmäge, eger-de ýarawsyz bolsa okuwa çykanda saglyk kepilnamasyny görkezmäge;

3) Özünde zähmete söýgini terbiýelemäge;

4) Akademiki bergilerini mekdep tarapyndan kesgitlenen möhletlerde aradan aýyrmaga;

5) Tertipnamanyň, şu Düzgünnamanyň, umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşamagyň hem-de okuw işlerini guramak we ýerine ýetirmek meseleleri boýunça mekdebiň beýleki ýöriteleşdirilen kadalaşdyryjy resminamalarynyň talaplaryny ýerine ýetirmäge;

6) Özüniň saglygyny berkitmek we gorap saklamak hakynda alada etmäge, özüni ynsanperwer, ruhy we fiziki jähtden ösüşlere we kämilleşmäge ýykgyn etmäge;

7) Bolup geçen ýa-da şaýat bolan her bir betbagtçylyk hadysasy hakynda pedagogiki işgäre ýa-da çäräniň geçirilmegine jogapkäre gyssagly habarly etmäge;

8) Mekdebiň beýleki talyplarynyň we pedagogiki işgärleriniň namysyny we mertebesini sylamaga, beýleki talyplaryň bilim almagyna päsgelçilik bermezlige;

9) Mekdebiň emläklerine aýawly çemeleşmäge;

10) Mekdepde kabul edilen okuw işiniň guramaçylyk tertibini berjaý etmäge;

11) Işjeň okuw ýagdaýyna laýyk bolan göze ýakymly, ykjam daşky keşbe eýe bolmaga. Okuw sapaklarynda (talap edilýän ýörite egin-eşik görnüşli sapaklardan beýlekilerde) diňe işewür egin-eşikde gatnaşmaga. Ýöriteleşdirilen egin-eşik görnüşini talap edýän okuw sapaklarynda (bedenterbiýe we ş.m.) diňe ýörite geýimde gatnaşmaga.

Daşky görnüşi emele getirýän esasy kadalar:

- egin-eşik pasyla, okuw sapagynyň häsiýetine we ýagdaýyna laýyk bolmaly;
- egin-eşikler işewür keşpde bolmaly, özarasynda sazlaşykly gelişmeli;
- egin-eşik, makiýaž, saç timarlama saýlananda göze ilginç bezenmeleri saýlamaga ýol berilmeýär;

- talybyň saçynyň timarlanmasy we sertaraşlygy ýakymly we ykjam bolmaly we töweregindekiler üçin haýran galdyryjy bolmaly däl.

Mekdep sapaklar üçin talap edilýän egin-eşikler:

**ýaş ýigitler** – gara kostýum-balak, ak köýnek, gara galstuk, tahýa we adaty gara köwüş.

**gyzlar** – dershana sapaklaryna laýyk gelýän gyzyl reňkli milli egin-eşik. Möwsüme görä çabyt we don, alnyndan göni açylan iki örümil saç, tahýa, gülýaka, nyşan, pes ökjeli gara köwüş.

Zyýanly endiklerden daşda durmaga;

12) Zerur bolan ähli lukmançylyk gözegçiliklerinde öz wagtynda geçmäge.

**4.3. Talyplara gadagan edilýär:**

1) Mekdepde we onuň çäklerinde sowuk ýaraglary, spirtli içgileri, temmäki önümlerini, toksiki we neşe serişdelerini hem-de okuw işine gatnaşyjylaryň saglygyna zyýan bermek we (ýa-da) okuw işine päsgel berýän beýleki jisimleri we serişdeleri getirmek, satmak we ulanmak;

2) Partlama, ýanma we zäherlenmä getirip biljek islendik jisimleri we serişdeleri getirmek ýa-da ulanmaga bermek;

3) Hapysa we göze ilginç daşky keşbe eýe bolmak;

4) Ýapyk binalarda üstki eşikli we telpekli gezmek;

5) Sapak wagty telefondan peýdalanmak;

6) Sapak wagty dälizde belent ses bilen geplemek, gygyrmak, şowhun etmek, basgançakda we dälizde ylgap ýöremek;

7) Internet sahypalarynda we elektron göterijide mekdebiň we raýatlaryň mertebesine zyýan ýetirýän maglumatlary ornaşdyrmak;

8) Mekdebiň talyplaryna, işgärlerine we beýleki şahslara fiziki güýç ulanmak.

3.4. Mekdebiň Tertipnamasyny, şu Düzgünnamany we okuw işini guramak we ýerine ýetirmek meseleleri boýunça ýöriteleşdirilen beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryny ýerine ýetirmedigi ýa-da bozandygy üçin talyp şu Düzgünnama laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

## V. Okuwda gazanan üstünlikleri üçin talyplary sylaglamak

5.1. Özüniň borçlaryny talabalaýyk ýerine ýetiren, başarnyklaryny ýokarlandyran, bir kemsiz okuwda, olimpiadalarda, bäsleşiklerde, sergilerde ýeten sepgitleri we okuwdan daşary beýleki çärelerde gazanan üstünlikleri üçin mekdebiň talyplaryna şu aşakdaky görnüşde sylaglar hödürlenip bilner:

- talyplara minnetdarlyk yglan etmek;
- talyplaryň hossarlaryna minnetdarlyk hatyny ugratmak;
- hormat haty ýa-da diplom bilen sylaglamak;
- “Hormat tagtasynda” okaýanyň maglumatyny ýerleşdirmek;
- gymmatbaha sowgat bilen sylaglamak.

**5.2. Sylaglamagyň tertibi:**

1) Talyplara, olaryň kanuny hossarlaryna okuwda işjeňlik görkezip, oňyn netijeleri gazanan ýagdaýynda mekdebiň pedagogiki işgärleri tarapyndan yglan

edilýär. Şu bölümiň 4.1. bölümçesinde agzalan sylaglamalaryň görnüşi Talyplar geňeşi bilen ylalaşykda Mugallymlar geňeşinde ara alyp maslahatlaşylandan soňra ýolbaşçylar tarapyndan ulanylýar. Minnetdarlyk yglan etmek mekdebiň direktoryň buýrugy bilen resmileşdirilýär we möhüri bilen tassyklanýar.

2) Sylaglama buýruk görnüşinde resmileşdirilýär we mekdepde okaýan talyplarynyň dykgatyna ýetirilýär. Sylaglama hakynda buýrukdan göçürme talyplaryň şahsy jiltinde saklanylýar.

3) Hormat haty (diplom) bilen sylaglama okaýanyň aýratyn ders boýunça ýeten üstünligi we (ýa-da) mekdep, şäher, welaýat derejesinde okuwdan daşary ýerine ýetiren işleri üçin toparyň halypasy we (ýa-da) mugallymy tarapyndan hödürlenmegi esasynda mekdebiň ýolbaşçylary tarapyndan amala aşyrylýar.

4) Gymmatbaha sowgatlar bilen sylaglamak - döwlet derejesinde gazanan aýratyn üstünlikleri üçin direktoryň orunbasarynyň hödürnamasy bilen direktoryň buýrugy esasynda mekdebiň öz serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

## VI. Talyplara ulanylýan düzgün-nyzam temmi çäreleri

6.1. Terbiýeçilik häsiýetli çäreleri mekdebiň ýolbaşçylary, onuň pedagogiki işgärleri mekdepde özüňi alyp barmagyň kadalaryny bozmaga ýol bermezligi, olaryň amala aşyrýan hereketleriniň özüne zyýanlydygyny düşündirmäge gönükdirilen işlerden, okuwa we tertip-düzgüne ak ýürekden çemeleşmäni terbiýelemekden ybaratdyr. Tertip-düzgün üçin temmi çäreleri ulanmagyň tertibi Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň tarapyndan tassyklanan degişli Düzgünnamalar esasynda amala aşyrylýar.

6.2. Düzgün-nyzam temmi çäreleri mekdebiň Tertipnamasynda kesgitlenen talaplaryň, içki tertip-düzgün kadasynyň, umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşamagyň tertibiniň hem-de okuw işlerini guramagyň we ýerine ýetirmegiň beýleki ýöriteleşdirilen kadalaşdyryjy resminamalarynyň talaplarynyň ýerine ýetirilmezligi ýa-da bozulandygy üçin ulanylýar.

6.3. Düzgün-nyzam üçin jogapkärçiligine aşakda görkezilen işler boýunça ýalňyşlyga ýol beren talyplar çekilýär:

- okuw işiniň çyzgydynyň ýerine ýetirmezligi;
- mugallymlar, işgärler, topardaşlary bilen gödek gatnaşyklara ýol bermegi;
- mekdebiň çäklerinde çilim çekmek, nas atmak;
- neşe serişdelerini ulanmak we ýaýratmak;
- mekdebe alkogol, toksiki, narkotik serhoş ýagdaýda gelmek;
- humarly oýunlary guramak we geçirmek, olara gatnaşmak.

6.4. Tertip-düzgüni bozandygy üçin talyplara şu aşakdaky düzgün-nyzam temmi çäreleri ulanylyp biliner:

- duýduryş;
- käýinç;
- berk käýinç;
- okuwdan çykarmak.

6.5. Her bir düzgün-nyzam bozulma üçin diňe bir temmi çäre ulanylyp biliner.

6.6. Talyba anyk bir temmi çäräni saýlamaklyk mekdepde hereket edýän ýörite toparyň hukugydyr.

6.7. Düzgün-nyzam üçin temmi çäresininiň görnüşi saýlananda degişli topar talybyň eden etmişiniň agyrlygyny, onuň amala aşyran günäsiniň sebäbini we şertlerini, talybyň öň özüni alyp baryşyny, onuň psihofiziki we emosional ýagdaýyny, şeýle hem mekdebiň talyplar geňeşiniň pikirleri hasaba alýar.

6.8. Talyplara düzgün-nyzam temmi çäresi olaryň kesel wagty, dynç alyşda, akademiki rugsady, göwrelilik we çaga dogurmak üçin rugsady wagty ýa-da çaga seretmek üçin rugsady wagty ýol berilmeýär.

6.9. Düzgün-nyzam temmi çäresi ulanylmazdan öň talypdan ýazmaça düşündiriş talap edilmeli. Eger üç okuw gün geçende görkezilen düşündiriş talypdan alynmadyk bolsa, onda degişli ykrarnama düzülýär. Talyplaryň ýazmaça düşündiriş bermegi ret etmegi ýa-da boýun gaçyrmagy düzgün-nyzam temmi çäresiniň ulanmagyna päsgelçilik bolup bilmeýär.

Talyby okuwdan çykarmak meselesi talybyň we onuň hossarlarynyň gatnaşmagynda ýörite toparyň ýygnagynyň karary esasynda amala aşyrylýar.

6.10. Buýruk bermek üçin degişli toparyň karary, topar ýolbaşçysynyň mälimnamalary, mekdebiň mugallymlarynyň we işgärleriniň habarnamalary, direktoryň orunbasarynyň we bölüm müdirleriniň haýyşnamalary esas bolup durýar.

6.11. Düzgün-nyzam temmi çäresi edilen etmiş ýüze çykarylandan soňra 7 günden gijä goýmany ulanylmaly.

6.12. Talyplaryň hataryndan çykarmak temmi çäresi talyp birnäçe gezek düzgün-nyzam bozulmalara ýol beren halatynda amala aşyrylýar. Talyba temmi çäräniň bu görnüşi düzgün-nyzam temmi çäreleriniň beýleki görnüşleri we pedagogiki täsirler degerli netije bermedik ýagdaýynda hem-de onuň mekdepde mundan beýläk galmagy beýleki talyplara ters täsir edýän bolsa, talyplaryň we işgärleriň hukuklaryny bozýan bolsa, şeýle hem mekdebiň kadaly iş tertibini alyp barmakda päsgelçilik döredýän bolsa ulanylýar.

6.13. Eger öň ulanylan düzgün-nyzam temmi çäresiniň möhleti dolan we (ýa-da) temmi çäreleri kesgitlenen tertipde aýrylan bolsa, onda bu talyba talyplaryň hataryndan çykarmak temmi çäresi hökmünde ulanylmaly däldir.

6.14. Ene-atasynyň eklenjinden galan, ýetim talyplary talyplaryň hatarndan çykarmak hakyndaky karar - kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi we olaryň hukuklaryny goramak boýunça toparyň, hossarlyk we eklençlik edaralaryň ylalaşygy bilen kabul edilýär.

6.15. Talyba düzgün-nyzam temmi çäresi hökmünde talyplaryň hataryndan çykarlanda bu barada ýokary guramamyz bolup durýan Türkmen oba hojalyk institutyna gyssagly habar etmelidir.

6.16. Talybyň düzgün-nyzam temmi çäresi mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen resmileşdirilýär, ol talyba, onuň ene-atalaryna (kanuny hossarlaryna) buýruk berlen gününden, üç okuw güniň dowamynda gol çekdirilip habarly edilýär. Talyp we onuň ene-atasy (kanuny hossarlary) görkezilen buýruga gol çekip tanyşdyrylmagyndan boýun gaçyrsa degişli ykrarnama resmileşdirilýär.

6.17. Talyplar, olaryň ene-atalary (kanuny hossarlary) okuw gatnaşyklarynyň düzgün-nyzam temmi çäresini Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertip boýunça şikaýat etmäge haklydyr.

6.18. Okuw işine gatnaşyjylaryň arasyndaky jedelleri düzgünleşdirmek boýunça toparyň karary okuw işini ýerine ýetirýän guramanyň okuw işine gatnaşyjylary üçin hökmürowan bolup durýar we kararda görkezilen möhletlerde ýerine ýetirilmäge degişlidir.

6.19. Okuw işine gatnaşyjylaryň arasyndaky jedelleri düzgünleşdirmek boýunça toparyň karary Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde şikaýat edilip biliner.

6.20. Eger talyba düzgün-nyzam temmi çäresi ulanylan gününden bir ýylyň dowamynda talyba täze temmi çäre ulanylmadyk bolsa, onda onuň boýnunda düzgün-nyzam temmi çäresi ýok hasaplanýar.

6.21. Mekdebiň direktory düzgün-nyzam temmi çäresi ulanylan gününden bir ýyl çenli möhletde ony talyba özüniň teklibi bilen, talybyň özüniň haýyşy bilen, Talyplar geňeşiniň haýyşnamasy bilen talybyň boýnundan temmi çäre aýrylyp bilner.

## VII. Talyplaryň mekdepde özlerini alyp barmagynyň kadalary

**7.1. Talyplar şu aşakdakylara borçludyr:**

1) Mekdebiň otaglarynda gepleşmegiň, aragatnaşygyň we özüňi alyp barmagyň kadaly we rahat tertibini alyp barmaga.

2) Mekdepde sögünç, paýyş sözleri ulanmazlyga.

3) **Ýatda saklamaly:** özüňden uly bilen gepleşende elleriňi jübiňe salyp durmak, mugallymlaryň ýanynda telefonda gürleşip durmak edepsizlikdir.

4) Mekdebiň ähli girelgelerinde talyplar mugallymlara ýol bermeli.

5) Erkekler mekdebiň teritoriýasyna girenden soňra tahýalaryny çykarmaly däldir.

6) Otaglara girmezden öň ähli mobil aragatnaşyk serişdeleri öçürilmeli we degişli tekjede goýmaly.

7) Sapakda hiç hilli artykmaç seslere rugsat berilmeýär.

8) Eger nämedir bir zat sorajak ýa-da mugallymdan haýyş etjek bolsaňyz, eliňe götermeli.

9) Mekdebiň maddy eýeçiliklerine (emläklere, enjamlara, okuw kitaplara, abzallara, sport abzallara, kitaplara we ş.m.) aýawly we ykjam çemeleşmeli.

10) Mugallym okuw otagyna girende okaýanlar ony ýerinden turmak bilen garşy almagy hökmandyr.

11) Sapak wagty diňe mugallymyň rugsady bilen okuw otagyna girmeli we otagdan çykmaly.

12) Naharlanmak diňe şol maksatlar üçin bölünen ýerlerde ýerine ýetirilmeli (naharhana), mekdebiň ähli otaglarynda arassaçylygy we tertibi berjaý etmeli.

13) Mekdebiň teritoriýasyna girende talyplyk rugsatnamasyny (tarketkany) dakyp girmeli.

14) Ýangyn howpsuzlyk, tehniki howpsuzlyk çäreleri, şahsy arassaçylygy berjaý etmeli.

15) Mekdebiň çäklerinde hereket edýän Türkmenistanyň kanunçylygynda, mekdebiň buýruklarynda we düzgünleşdiriji resminamalarynda kesgitlenen jemgyýetçilik tertip-düzgünleri berjaý etmeli.

16) Beýleki talyplar tarapyndan özüni alyp barmagyň düzgünlerini bozmagynyň öňüni almaly, düzgünleriň ýa-da okuw işiniň kadalarynyň bozulmalary ýüze çykan ýagdaýynda mekdebiň işgärlerine habar bermeli.

17) Okuw düzgün-nyzamynyň we özüňi alyp barmagyň kadalarynyň bozulmalary bilen baglanşykly düşündirişler ýazmaça görnüşde berilmeli.

18) Okuw işiniň dowamynda, şeýle hem okuwdan daşary işlere degişli çäreler wagty beýleki talyplar bilen sylaşyklylyk we deňhukuklylyk jähtler esasynda özara gatnaşykda bolmaly.

19) Okuwdan daşary işlere, degişli çärelere gatnaşanda, şol çäräni geçirmegiň tassyklanan ähli kadalaryny we gözükdirmelerini berjaý etmeli.

**7.2. Talyplara gadagan edilýär:**

1) Haýbatly sözleri ulanmak we gepleşigi belent sesde alyp barmak, sögünç, gödek sözleri ulanmak;

2) Özüňi alyp barmagyň kesgitlenen kadalaryny we mekdebiň içki zähmet düzgün-nyzamynyň kadasyny bozmak;

3) Mekdebiň binasynda we çäklerinde çilim çekmek, nas atmak;

4) Mekdebiň çäklerine spirtli içgiler, şol sanda piwo, düzüminde alkogol saklaýan kokteýl getirmek we içmek;

5) Mekdebiň çäklerine neşe we toksiki serişdeleri getirmek, ulanmak we ýaýratmak;

6) Mekdebiň binasynda we çäklerinde alkogol ýa-da neşe bilen serhoş halda bolmak;

7) Programma we tehniki serişdeleriň sypatyny we düzülişini üýtgetmek;

8) Mekdebiň otaglarynda goşlaryň, enjamlaryň toplumlylygyny, ýerleşdirilişini we ýerleşýän ýerini (jaýyny) üýtgetmek;

9) Mekdebiň otagyndan emläkleri, enjamlary we beýleki maddy gymmatlyklary alyp gitmek.

10) Dynç alyş we baýramçylyk günleri (meýilnamalaýyn çäreler ýok halatynda) mekdebiň binalarynda bolmak;

11) Degişli düzüm bölümleriň rugsady bolmazdan keseki raýatlary özüň bilen mekdebiň çägine girizmek;

12) Talyplyk rugsatnamaňy (tarketkaňy) mekdebiň çägine girmek üçin keseki raýatlara, şol sanda mekdebiň talyplaryna bermek;

13) Okuw sapagy wagty mobil, ykjam we radio aragatnaşyklaryndan peýdalanmak;

14) Netijesi töwerekdäkiler üçin, özüniň ömri we saglygyna howp döremegine getirýän islendik hereketleri amala aşyrmak;

15) Gatnaşyklary aýdyňlaşdyrmak üçin fiziki güýç ulanmak;

16) Okuw işine päsgelçilik döredýän hereketleri amala aşyrmak;

17) Mekdebiň çäginde içgin gatnaşyklary etmek;

18) Hasap kitapçasynda, talyp şahadatnamasynda, okalga kitapçasynda, synag sanawnamasynda, akademiki kepilnamada islendik görnüşde ýazgy etmek, düzetmek.

19) Dini, ekstremistik, milletparazlyk jähtden taglymatlary wagz etmek;

20) Çäklere we okuw otaglara haýwanlary getirmek.

21) Humarly oýunlary guramak we oňa gatnaşmak.

22) Ýyllyk işleri we taslamalary, referatlary we ş.m. taýýarlamakda intellektual eýeçiligiň okuw we ylmy maglumatlaryny bikanun alynmagyny amala aşyrmak.